# Ýoly ýagşydyr

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýoly ýagşydyr

ÝOLY ÝAGŞYDYR

Adam ogly, dünýä maýyl bolar sen,
Bilseň ahyretiň ýoly ýagşydyr,
Akyl erseň ahyreti gam iýgil,
Akmaga dünýäniň maly ýagşydyr.

Amanat jan çyksa, aýrylar tenden,
Pida bile dostluk ýetmez hiç kimden,
Küfür, gyýbat, ýalgan sözlän adamdan,
Adamlaryň dilsiz laly ýagşydyr.

Eý gapyl, habar al akly ýetenden,
Munda goýman çykardylar watandan,
"Diri men" diýip gaflat içre ýatandan,
Iman birle ýatan öli ýagşydyr.

Mü'min gullar dowam bolsa hakynda,
Magryfet saçylar sözler ýakynda,
Lal bolmaklyk bedkärleriň hakynda,
Mü'münleriň şirin tili ýagşydyr.

Her säherler turup gözüň ýaş etgin,
Küfür, tekepbirden köňlüň daş etgin,
Şirin sözläp, mü'mün köňlün hoş etgin,
Arynyň zährinden baly ýagşydyr.

Magtymguly PYRAGY.

(Şygyr şu ýerde gutarýan eken).

Goşgular